# Weýran bolan ýollar, azaşan ýolagçylar

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty
написано kitapcy | 24 января, 2025
Weýran bolan ýollar, azaşan ýolagçylar WEÝRAN BOLAN ÝOLLAR, AZAŞAN ÝOLAGÇYLAR




Eger-de deşik-deşik edilen, hapa reňk tegmilleri çyrşalan gaty kagyzy ýa-da bir-birine emelsiz tikilen köne halta böleklerini şekillendiriş sungatynyň eserleri diýip hödürleseň, akyly ýerinde bolan her bir adamynyň: “Heý, şundan hem eser bolarmy? Ony ýasandan hem hudožnik bolarmy?” diýjegi gümansyzdyr.
Şunuň ýaly “eserleri” döretmek üçin çeperçilik okuw jaýlarynda ýyllar boýy gözüň köküni gyryp okamagyň, günsaýyn sungatyň ussatlyk serişdelerini özleşdirmegiň zerur däldigi öz-özünden düşnükli zatdyr. Sowet hudožnikleri, şol sanda biz, türkmen hudožnikleri hem, halkyň talabyny ödeýän çeper eserleri döretmegiň çeperçilik ussatlygy ýokarlandyrmak üçin jan aýaman zähmet çekmek bilen baglanyşyklydygyna şübhelenmeýäris. Dünýä medeniýetiniň ösmeginde, ynsanyň aňynyň we estetiki garaýşynyň pajarlap ösmeginde, bahasyna ýetip bolmajak rol oýnan, şekillendiriş sungatynyň belent ussatlary bolan Fidiý, Poliklet, Leonardo da Winçi, Mikalenjelo, Rafael, Rubens,

Tisian, Rembrandt, Dýurer, Dawid, Surikow, Repin we realist hudožnikleriň döredijilikleri bu barada güwä geçýär. Realistik sungatyň beýik ussatlarynyň eserleri ynsanyň eliniň hünärine, onuň ähli kynçylyklary böwsüp geçýän belent akylyna guwanç döredýär.

Dünýä realistik sungatynyň belent däplerini depeläp, eser döretmek üçin köne esgilere, poslan demir döwüklerine, bulam-bujar çyzyklara we düşnüksiz reňk tegmillerine ýüzlenmek akla sygmajak zatdyr. Emma günbatar ýurtlaryň buržuaz sungatynyň şu ýola baş urandygy aç-açan zatdyr. Bu ýagdaýa formalistik buržuaz sungatyň düýbünden çüýrändigініň, onuň adamkärçilik duýgularyndan düýbünden arany açandygynyň faktydyr. Soňky ýyllarda guralan uly möçberdäki halkara çeperçilik sergilerinde şeýle “eserler” giňden görkezildi. Ýaşlary we studentleriň Moskwada geçirilen VI Bütindünýä festiwaly günlerinde guralan 29-njy halkara çeperçilik sergisi (Býennale), Brýusselde geçirilen bütindünýä sergisinde görkezilen häzirki zaman sungatynyň eserleri, ýaşlaryň we studentleriň Wenada bolup geçen VII bütindünýä festiwaly günlerinde Kýunstrelhauz jaýynda açylan žipowis sergisi, galyberse-de, ýakyn günlerde Moskwada açylan Amerikan sergisiniň žiwopis we skulptura bölümi formalistik sungatyň krizise düşendigini açyk görkezýär.

Bu sungatyň wekilleri öz sungatynyň häzirki döwrüň, “atom asyrynyň” sungatydygyny subut etmäge çalyşýarlar. Emma bu şeýlemi? Birnäçe mysallary alyp göreliň. Ynha sýurrealistleriň eserleri.

Sýurrealizm buržuaz formalistik sungatyň soňkurak dörän akymlarynyň biridir. Sýurrealizmiň takyk terjimesi “realizmden daşary” diýmek bolup, ol “adatdan daşary”, “tebigatdan daşary” zatlaryň sungatydyr. Sýurrealistler adamy reallykdan (durmuş hakykatyndan) “ýokary götermekligi” özleriniň esasy maksady hasaplaýarlar. Olaryň pikiriçe bu maksady doly aňşyrylmadyk gallýusianasiýalaryň, instinktleriň, garabasmalaryň içine aralaşmak ýoly bilen amala aşyrmak bolýar. Düýşe girýän zatlar we dälirän adamlaryň gözüne görünýän yşaratlar olaryň ünsüni aýratyn hem özüne çekýär. Muňa ispan hudožnigi Salwador Daliniň “Nar dänesiniň daşynda uçýan bal arysynyň wyzzyldysy sebäpli ukudan oýanmagyň öň ýanyndaky sekunt” diýen kartinasy aýdyň mysaldyr. Hudožnik garabasmanyň elhenç atmosferasyny görkezýär. Onda hem gumly çöllügi, hem-de bir giden suwy

ýadyňa salýan bilgeşleýin ýoýlan peýzaž bar. Öňdäki planda hem duran ýaly, hem ýüzýän daş bölegini̇ň üstünde howsalaly düýş görýän aýal ýatyr. Aýalyň ýakynynda howada gaýýan, daşynda bal arysy uçýan nar miwesi düýş görmegiň hakyky sebäbi hökmünde hyzmat edýär. Arynyň wyzzyldysy ukuda ýatan aýalyň beýnisinde howply duýga öwrülýär. Nar miwesi gorizontyň ýokary ýanynda ägirt möçberde peýda bolýar we darka ýarylýar. Onuň ýarygyndan elhenç balyk çykýar, balygyň agzyndan gaplaň çykýar. Bu gaplaňyň agzyndan bolsa, ýatan aýalyň üstüne arlap okdurylýan ikinji gaplaň peýda bolýar. Gaplaňlaryň öňünde naýzasy ýatan aýalyň eline sanjyljak bolup duran tüpeň, aňyrky planda uzyn möý aýaklarynyň üstünde ýöräp barýan pil görkezilýär. Şekillendirilen aýylganç ýagdaý tomaşaça muşakgatly täsir edýär, aklyny çaşyrýar.




*Salwador Dali “Nar dänesiniň daşynda uçýan bal arysynyň wyzzyldysy sebäpli ukudan oýanmagyň öň ýanyndaky sekunt”*

Hudožnik bu aýylgançlygyň “çyndygyna” ynandyrmak maksady bilen, ýatan aýaly, gaplaňlary we beýleki prdemetleri ýürege düşgünç naturalistik usulda suratlandyrýar. Tomaşaçynyň psihihasyna erbet täsir edýän bu surat, adamyň duýgularynyň üstünden gabahatlyk bilen gülmekden başga zat däldir.

Salwador Daliniň şu aýylganç taraplary onuň düýş bilen

kanagatlanman, dälileriň gallýusianasiýalaryny, samramalaryny, çüýrän süňklerden salkam-sajak bolup ganjaryp duran et böleklerini görkezýän “eserlerinde” has-da anyk ýüze çykýar. Salwador Dali adamyň aňyny çaşyryp, onuň paýhaslylygyny, adamkärçiligini ýok etmäge çalyşýar. Şonuň üçin-de, “eserleriniň obrazlary” agressiw häsiýetdedir.
Amerikaly hudožnik Iw Tanginiň “Şaýat” diýip samsyk atlandyrylan “eseri” Salwador Daliniňkiden tapawutlanmaýar. Onuň hem öli ýaly, hem ünjüli busurylýan ýaly, gyşyk-çaýşyk elhenç hem düşnüksiz primitiw organizmler mesgen tutan fantastiki çöllügi şekillendirýän peýzažy tomaşaçyny üýşendirýär, onuň duýgularyna ezýet ýetirýär.




*Iw Tanginiñ çeken suratlaryndan*
Häzirki zaman formalistik sungatyň has giň ýaýran akymlarynyň biri-de abstraksionizmdir. Abstrakt sungata uýýan hudožnikler hakyky dünýäniň predmetlerini şekillendirmekden düýpgöter boýun towlaýarlar. Olar adamzat sungatynyň uzyn taryhynda gazanylan tejribäni, çeperçilik ussatlygyň beýik däplerini

inkär edýärler. Bu ýagdaý çeper obrazy berbat edip, sungatyň düýbünden ýok bolmagyna eltýär. Abstrakt sungat kosmopolitik häsiýetde bolup, sungatyň milli aýratynlyklaryna, halkylygyna we ideýalylygyna garşy gönükdirilendir. Ol imperailistik buržuaziýanyň reaksion ideologiýasynyň ýüze çykmagynyň bir görnüşidir. Mysal üçin amerikan abstraktiwist Mark Rondonyň “Ak we ýaşyl gök fonda”, “Iki ak we iki gyzyl”, “Dört garamtyl fyzyl fonda” diýen polotnolaryndan hiç bir many aňlamak mümkin däl. Onuň bu kompozisiýalary holstyň ýüzne çyrşalan üç ýa-da dört dürli reňkli we öwüşginli gorizontal zolaklar bolup, malýarlaryň diwary reňklemezden öň çyrşap görýän reňk zolaklaryndan tapawutsyzdyr. Italýan abstraktiwisti Alberto Burri “Köýmek” diýen eserinde gara fonda faneranyň köýük zolaklaryny, “Uly halta” diýen eserinde bolsa kä ýerleri ýamalan, kä ýerleri deşik, bir-birine emelsiz dikilen, köne halta böleklerini ulanýar.


kitapcy.com

*Mark Rondo «Kompozisiýa»*

Abstrakt sungatyň “eserleri” haýsy ýurtda bolsa-da, bir-birine örän meňzeşdir. Olarda ol ýa-da başga ýurda mahsus bolan milli özboluşlylyklary, tebigatyň aýratynlyklaryny gözlemek biderekdir. Iňlis skluptory Çedwik tarapyndan ýasalan “Içki göz” diýip atlandyrylan birnäçe demir tagtalardan, simlerden ýasalan we gögümtil aýna döwügi asylan egrem-bugram konstruksiýanyň amerikaly Gerbert Ferberiň “Günleriň bir güni ýaňdandan” diýilip geň atlandyrylan konstruksiýasyndan üýtgeşik bir zady ýokdur. Türkiýeli skulptoryň ujy tommakly ýogyn simlerden ýasalan konstruksiýasynyň ýapon abstraktiwistiniň çeken suratyndan tapawudy ýokdur. Ýokarda ady tutulan “eserlerde” milli aýratynlyklar, ol ýurtlaryň halkynyň durmuşy, tebigaty baradaky pikirden nam-nyşan ýok. Abstrakt sungatdaky eden-etdilik “eser döretmekligiň” dürli usullaryny oýlap tapmakda şübheli şarlatanlyklara giň ýol açýar. Şular ýaly “eserler” döretmek üçin zehin we okuw gerek däl: hudožnigiň häsiýetiniň kezzaplygy we bihaýalygy ýeterlikdir. Dürli ýurtlaryň abstraksiýa sungatynyň wekilleri “döredijilik işlerini” meňzetmejek bolup, akyla sygmajak ýollara baş urýarlar.




*Alberto Burriniñ suratlaryndan*
Muňa Amerikanyň abstraktiwistleriniň “döredijiligi” aýdyň mysaldyr. Amerikan hudožnigi Jekson Pollak awtomobil reňkleýän emaly eleme-deşik edilen gabyň içine guýup holstyň üstüne sepeleýär. Robert Rauşenbergiň “eserlerine” material bolmak üçin Nýu-Ýorkyň köçelerinden süpürilip aýrylan hapa-supalar ýeterlikdir. Onuň “Ýorgan-düşek” atlandyrylan kartinasy hakyky ýorgan-düşek bolup, hudožnik onuň ýorganynyň we ýassygynyň kä ýerlerine galam bilen çyzyk çekip, kä ýerlerin hem reňk pürkýär.
Amerikan skulptory Abram Lassouwyň “Galaktika”, “Ýyldyz toplumy” diýip atlandyrylan “skulpturalary” kebşirlenen simlerden ýasalan bir zatdyr.
Abstraktiwistleriň öz gödek, ugursyz eserlerine berýän atlary hem gödek we ugursyzdyr. Olaryň etiketkalarynda “Panno №4”, “Konstruksiýa №47” diýen ýaly gysga ýazgylary görmek bolýar. Reňk bilen çekilen işlerde “Güller arasyndaky, degirmeniň

ýanyndaky suw”, “Utgaşdyrylan beton”, “Köne altyn ak zadyň üstünde”, “Gatnaşyklaryň polotnosy” diýen atlara, skulpturada bolsa “Ýedi aýakly hilegär”, “Asman köpegi”, “Jadygöý” diýen ýaly çylşyrymly ýwe bulaşyk atlara duş gelmek bolýar. Abstrakt sungatdaky baş-başdaklyk maýmynyň “döredijilik işi” işi bilen meşgul bolmagy ýaly gülkünç we kezzap zatlara çenli eltýär. ABŞ-nyň Baltimor şäherindäki haýwanat bagynda saklanýan şimpanzäniň abstraktiwistleriň kartinalaryndan kem galmaýan “kartina” ýazandygy we ol “kartinanayň” satyn alnandygy bellidir. Emma abstrakt sungat tarapdarlarynyň we teoretikleriniň şeýle zatlary hudožnigiň indiwidual aýratynlygy hökmünde düşündirjek bolmaklary gury we ýalan ýaňramadan başga zat däldir. Bular ýaly “eserleriň” aýratynlygy ak doňuzyň gara doňuzdan tapawutlanyşy ýalydyr. Estetiki duýgulary normal bolan adam üçin abstrakt sungatyň toslamalary düşnüksizdir, ol şeýle zatlary “çeper eser” hökmünde kabul edip bilmeýär. şonuň üçin-de formalistik sungatyň tarapdarlary ony aklamak üçin her dürli hileli toslamalara ýüz tutmaga mejbur bolýarlar. Olar köpçüligi çeper lezzet bilijiliginiň yza galandygy hakyndaky, adatdaky normal düşbüligiň abstrakt sungata düşmek üçin ýeterlik däldigi hakyndaky reaksion delilleri öňe sürýärler. Şeýle toslamalar formalistik sungatyň halkdan we durmuşdan arasyny üzül-kesil üzendiginiň alamatydyr.

Bu ýagdaý formalistik sungatyň ýollarynyň weýran bolan ýollardygyny, bu ugurda işleýän hudožnikleriň bolsa ýoluny ýitiren, azaşan ýolagçylardygyny subut edýär.

***

Abstraksionerler, sýurrealistler we gaýry formalistik ugra uýýanlar özleriniň “önümleriniň” täzelikdigine, progressiwdigine, “atom asyrynyň sungatydygyna” adamlary ynandyrmaga jan çekýärler. Bu şeýlemi? Tersine, abstraksionizmiň çüýrän sungaty pese düşen formalizmiň kanuny netijesidir. Birnäçe taryhy faktlara ýüzleneliň. Formalizm 19-njy asyryň ahyrynda we 20-nji asyrda imperializm döwrüniň

buržuaz medeniýetiniň pese düşen we çüýräp başlan döwründe ýüze çykýar. Bu döwrüň içinde dürli formalistik akymlar: “kubizm”, “futurizm”, “ekspressionizm”, “sýurrealizm”, “abstraksionizm” we ş.m. “izmler” bir-biriniň yzyndan peýda bolýarlar. Bu “izmleriň” esasynda “Sungat – sungat üçindir” diýen teoriýa bolup, olaryň hemmesi durmuşyň hakykatyny görkezýän realistik metoda garşy gönükdirilendir. Abstraksionizm formalistik sungatyň ýykgynçylykly prinsipleriniň soňky netijesidir. Ol imperializm döwrüniň buržuaz medeniýetiniň umumy krizisini alamatlandyrýar.

Ikinji jahan urşundan soň abstraksionizm ABŞ-da has-da giň ýaýraýar. Senagat monopolistleri we reklama firmalary abstraksionizme uly pul berýärler.

Abstrakt sungat imperialistik buržuaziýanyň reaksion ideologiýasynyň ýüze çykyşynyň bir görnüşidir. Amerikanyň monopolistleriniň ony doly goldamagy tötänden däldir. Abstrakt sungat zähmetkeş halkyň ünsüni durmuşyň gapma-garşylykly taraplaryndan, halkyň bagtly durmuş ugrundaky göreşinden başga tarapa sowmaga hyzmat edýär.

Formalizmiň her dürli ýüze çykmalaryna Sowet Soýuzynyň we beýleki doganlyk sosialistik ýurtlaryň sosialistik realizm metody esasynda öňe ösýän sungaty garşy durýar. Sosialistik realizm sungaty durmuş hakykatyny berkarar edýär, milli formalarda halkylyk we kommunistik ideýalylyk prinsiplerini yzygiderli amala aşyrýar.

Bu göreşde ähli ýurtlaryň realistik pozisiýada durýan progressiw sungatynyň hudožnikleriniň hem roly uludyr.

Şu makalany tamamlap, abstrakt sungat baradaky pikiri unutmak üçin, täze howadan dem almaga açyk penjiräniň öňüne barýaryn…




Ynha, Aşgabadyň gözel peýzažy, gür baglyklaryň, ýaş daragtlaryň arasyndan görünýän täze salnan jaýlar. Tomsuň çogly güni özüniň altyn şöhlelerini jomartlyk bilen seçýär we tebigaty gözel görnüşe getirýär. Köçeden yzly-yzyna geçýän maşynlar, adamlar, ol adamlaryň her biriniň öz şatlyklary, isleg-arzuwlary, özlerine ýeterlik hysyrdyly aladalary bar. Emma olaryň hemmesini joşgunly zähmet birleşdirýär, herekete getirýär. Sada adamlaryň talabyny ödeýän realistik eserleri döretmek üçin zähmet çekmek nähili bagtlylyk. Biziň türkmen hudožniklerimiziň ähli sowet hudožnikleri bilen bir hatarda realistik sungatyň aýdyň ýoly bilen öňe barýandygy göwnüňi göterýar, ýüregiňi şatlykdan doldurýar.

Nury HOJAMUHAMMEDOW,

Türkmenistanyň Hudožnikler soýuzynyň prawleniýesiniň başlygynyň orunbasary.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 29.08.1959 ý. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty